# Üstünden ätläp…

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Üstünden ätläp… Mirasgäriñ ummanyndan

▶ ÜSTÜNDEN ÄTLÄP…

Gowşut han türkmen taryhynda yz goýan hikmetli şahslaryñ biri. Ol süññi-süýegi bile il-ulsuna berlen bir dözmezjan eken. Gojalar Gowşut hanyñ saz-söhbetiñ muşdagy bolandygyny nygtap, «Geleweri, bagşym, dilegi ýagşym!» diýip, aýdymçy-göýendeleri apalandygyny ýatladylar. Saçy düşen takyr kellesini sypalaýşyna, sypyndygy küşt oýnandygynyñam gürrüñini berdiler.
Ýöne Gowşut hanyñ başga bir tekrarlaýmaly tarapynyñ bardygynam bellemeli. Ol «Birden meni zäherläp, aparaýmasynlar. Şeýdibem, menden hemaýat hantama halkymyñ ýalagyny çaýda goýaýmasynlar» diýşine, awy atar ekeni, öñünden gaçyp. Özüne-de, azym-küjüm däl. Bir mysgal (ýagny, 4,9 gram) çemesini.
Aslynda Gowşut han awy iýmäni nädip öwrenipdir diýsene! Ol ilki ŞAGLARAK haltajyga çaý atym ýaly awy salýar. Oña-da, guşaklygyndan geçip duran bag dakýar-da, asýar boýnundan. Onam günde bir düwün gysgalda-gysgalda, äkelen alkymyna. Şeýdibem, sähel salymda awyñ ýakawuntsyz ysyna öwrenişýär. Soñam ýañky ilk-ä inçe, yzýandanam ýogyn iññe degrişine ugramazmy ýalap.
Ine, şeýde-şeýde, awy atmak babatynda gañrylmazlyga ýeten Gowşut han bir hemdeminiñkä görme-görşe barýar. Olam, näme, desgasy düzüw, keleñter kişi. Dessine janly soýup, söwüş eden Gowşut hana.
Şonda ysy janyñy alyp gelýän börütmeli tabañ ilkinjisini Gowşut hanyñ öñünde goýanlar. Hanam näme, «Alyñ, onda adamlar!» diýşine «Bissimylla» edýär. Ýöne nahara atylan awyny añlabam tarsa, turan:
– Bä, jora. Tapylgysyz dermanyñ-a bar ekeni welin, arman azrak atypsyñ-da. Içiñ güjüklem bolsa, biziñ ony edýänimizi añman? -diýşine-de gapa ýönelýär. Eýýäm elindäki okarasyny gaçyryp, köwüş bazarynda özünden gidip ýykylan öý eýesiniñ üstünden

ätläp gidiberen.

Ümür ESEN. Halk döredijiligi we rowaýatlar